# Gorkunç gülkünçlikler / hekaýalar toplumy – Hot-hot gelse…☺

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gorkunç gülkünçlikler / hekaýalar toplumy – Hot-hot gelse…☺
…Sagat on ikiň ýary…
Hatyn bolsa henizem aşhanada gap-gajyna güýmenen bolup ýör.
Içini ýakjak bolýarmy nämemi?!
Ýa geregini artdyrýarmy?!
Ýa “arzanyň arzysy bolmaz” diýlenine eýerýärmi?!
Ýa geçen hepde düşünmezlige salnyp, soňuna nokat goýulman galan täze köýneklik mata hakyndaky gürrüňiň dowamymy?!
Ýa-da hemmesem birdenmi?!
Belli däl.
Bu emeli nämälimlikden peýdalanýan çagalaram jagyl-da-jugul.
Hamana, uky diýlen zat özlerine degişli däl ýaly.
Ýarygijäniň ýakynlandygyna garamazdan, gowşaşyp-ýumşaşyp, uky bürmekden-ä geçen, gaýta, barha beter beleň alyp, janlanyp gidip barýarlar.
Telewizoryň öňünde gözlerini ýumjukladyp, dünýe bir köpük halda çäşerilip ýatan pyýada, nägilelik bilen aşhanaň açyk gapysyna garşy gözüniň gyýtagyny aýlady:
-Hany-how, bulaňňy ýatyrmaýaňmy ýa?!-diýip, şo ýan tarapa zowlatdy. Soňam oňa görä pessaýrak edip, köpmanylyrak hüňürdäp goýberdi:-Bi adamlaňky özleňňiziňki ýaly dä ahyry. Onnan soňam, ikide ýat, üçde ýat, ertir ýene-de, sagat on birde uklan ýalyjak bolup, öňküje wagtyňda turakga, dikilgazyk işe gitmel-ä-how! Gündiziň ýadawlygam üstesine. A sen bolsa, entek bolup o ýanda güýmeň-samaň edip ýöň, hälden girip-çykaýman…Entek bi ýanda, bi menem bara-how…
Kakalarynyň hüňürdisine ownukly-irili bezzatlaryň dördüsem dört ýerden üşerilişdiler.

-Bizi ýatyryp, kakam ejem bilen düýnki gorkunç kinoň yzyny görjek bolýalar!-diýip, bezzatlaryň ikinjisi, iň ulusynyň gulagyna çawuş çakdy.
-Melem kino göýüşjek…-diýip körpejeleri, üçünji bezzat bilen bogalaşyp ýatan ýerinden çyglyp sojady.
-Men-ä şo kinony görmesem, ölsemem uklaman! Düýn gije-de maňa bildirmän ýekeje özleri görüpdirler!-diýip, jigisiniň garnynda joňkaryp oturan ýerinden üçünjem, gepläp galdy.
-Sizden şumat: “Näme etjek?” diýip soraýan bamy?! Hany, hemmäňem gep nokatlap durmaň-da, derrew daş çykyp geldiňiz-de, düşegiňize geçdiňiz!-diýip, aňyrdan elini desmala süpürişdirip gelýän ejesi, gaty bahym bezzatlaryň ýoluny düzledi.
“Hykgy-çokgularagam” bolsa, “nokgy-nokgulyragam” bolsa, garagollar, daşaryk çykarylandan soň öýe salnyp, içki otaga geçirildiler.
Ýorgan-düşek atylgy.
Sümüldiler.
Uly çyra söndürildi.
Kiçi çyra ýakyldy.
Ejesem gündeki ornunda, körpäniň gapdalynda gyşardy.
Dagy nätjek?!
Bäbeklikden ýaňy saýlanan bezzat, şeýdäýmese ömralla uklajakmy?!
Birsalym hiç haýsy jyňkyny çykarman, akýürekden ýatjak bolup ýatdylar.
Bolmady.
Arkaň aşak ýanyndaky bir ýerlerde bir zatlar, heýç rahatlyk bermän, ýöne gorsanjyrap durandyr-da, elbetde.
Ilki ulusy dillendi:
-Eje?!
-Hümm…
-Kakam bilen gije görýän kinoňyz gaty gorkunçmy-aý?!
…Pyňk…
Jogabyň deregine, näme üçindir, birhili, pyňkyrman zordan saklanjak bolunýandaky ýaly, düşnüksiz ses çykdy.
Birsellemem jogap bolmady.
Şu ululary̆ň düşnüksizligine heýranyň hekgeräýmeli-how!

Adaty bir, ýönekeýje soraga-da jogap tapyp bilmedik bolup ýatyrlar…
Uly bezzat, bir-ä ýüzüni ýassyga berip, eginlerini assaja silkip ýatan ejesine, birem özüne garşy mön gözlerini aýlap, iki ýana ýaltaklaşýan jigilerine äňetdi-de, kibtini gysdy. Ikinji gezegem dillenmese bolmajagyna düşündimi nämemi, ýene-de seslendi:
-Hä, eje?!
Onýança ejesi özüni dürsändir-dä, çym-gyzyl bolan ýüzüni ýassykdan galdyrdy-da, kellesindäki ýaglygyny düzedişdirdi. Ýöne, barybir jogap berende, näme üçindir äheňi gülki gatyşykly eşidildi:
-Näbileýin oglum! Kakaň günde-günaşa şol kino tomaşa etjek bolup dyzaýşyndan çen tutsaň-a, beýlebir gaty gorkunjam däl bolmaly…
Şeýle diýdi-de ejesi agraslandy:
-Onnoňam, näme üçin, şu mahal men: “ýatyň tizräk” diýip durkam, tükezzibanyňa tutduryp, menden ýok zatlary soraýaň-a?! Hä?! Hany, ukla bahymrak. Kinoňam şo, zadyňam şo! Toba etdik, Hudaýym! “Kino-pino” diýip, ile masgara-da etjek bular! Gör-ä, bi ýeksurunjygyň akyllysyran bolup soraýan zadyny! Ýat, derrew! Häk seniň bir, kakaňa çeken ýeser damaryň bar bolsun! “Kino” diýen bolup…-diýdi-de, çagalaryna gaharlanman käýinýän zenanlaryň ählisine mahsuslykda, öz-özünden meçew alyp, ýasama gatyrganyp ugrady. Käýinjiräp ýatyşyna-da, biygtyýar ýylgyryp, üstüne goşdy:-Wagty geler ine! Onsoň görersiň-dä, kinoň gorkunçdygyny ýa-da däldigini…
Ejesiniň ýalanjykdan, atdanlykda gaharlanýandygyny gep urşundan aňan tokar bezzat, beýlesine dönüşine, ýassygyna siňdiribrägem bolsa eşitdirip, uzyn-uzyn hüňürdäp galdy:
-Nä, soramagam bolanokmy-aý?! Nähili kino görseňiz şo hilisini görüňsene! Men-ä ýöne, günde-günaşa gyzykdyryp görýäniňiz üçin biläýjek boldum…Onnoňam näçe “gorkunç-gorkunç” diýip, görkezmejegem bolsaňyz, barybir dostumyň doganynda hemme gorkunç kinolaňňam diski ba. Näçe göreýin diýsem, şondan alyp bilýän…
-Getirseň maňa-da görkezersiň-ä-how?! Hä?!-diýip, bezzatlaryň

hälden bäri gep diňläp, gözüni jüýjerdip ýatan ikinjisi, tersine düňderilen agasynyň arkasyna pyşyrdady.
-Melem kino göýüşjek…-diýip, gapdalynda ýatan ejesiniň ysyna meýmiräp, eýýäm uklap barýan körpeje, ukyň arasynda bazzyk-buzzuk etdi.
-Şo getiren diskiňizi men görmesem-ä hijiňem görmeýäň!-diýip, jama dönen gulaklaryny eýläk-beýläk gymyldadyp ýatan üçünji garagolam gepleşmekden ýetdik paýyna ýapyşmaga ýetişdi.
-Gyýw-gyýw! Siziň-ä asyl gep haltaňyz çözüläýdi. Ýatyň derrew! Gorsanjyramaň indi! Gürlemäňem!-diýip, ejeleri oda-köze düşdi:-Häzir, gaty bahym ýatmasaňyzam, hol, arada, eneňiz myhmançylyga gelende, ýatar ýerde ýatman gorsanaňyzdaky aýdyp beren hot-hoty, işigiň yşyndan sümlüp içerik girer-de, dördüňem mazaly eýmijiňizi ýetirer…
-Meniň-ä ýanyma dagy golaýlasyn, şo hot-hot! Edil, gurşun guýlan kenegim bilen bir gezäm maňlaýyna patyladaryn welin, çaşar ýatyberer!-diýip, uly bezzat, diwara bakyp ýatyşyna haýbat atdy.
-Gyýw, asyl, seniň kenegiňem ýanyňdamy?! Okla beýläňe, ýogsa gije garnyňa batyp galar!-diýip ejesi, ýaňybir ýassyga goýan başyny dikeltdi.
Tark!
Eliň tersi bilen çüňke oklanan gurşunly kenek, goş-golamlaryň haýsydyr birine “tarkyldap” degdi.
-Wah, senjagazyň bir! Kakaňa çeken keçjal gyzmalygyň bar bolsun, ýeksurunjyk! Şü ýaňky zyňanyň tikin maşynyma degip, zaýalan dagy bolaýdygy, tä, şü sizi gowy gören kişisiräp başyňyza goýberen kakaň başlyklaýyn hemmäň jemlenip, şonymy tükel-bütüýn bejärdäýýänçäňiz, kakaňyzyň gorkunç kino gözüniň düşmänjik geçjegini bilip goýaýyň, baryňyzam!-diýip, ejesi nädip howsalaly jibrinenini özem duýman galdy.
Ikinji uklan bolara çemeli.
Bu sapar sesini çykarmady.
Oňa derek, üçünji kellesini galdyryp, ejesine tarap öwrüldi-de, wehimden püre-pür gözjagazlaryny tegeläp, howatyrlanmaly seslendi:
-Eje, şol enemiň aýdýan hot-hotynyň şar-gara saçy bulam-bujar

bolup, sallanyp, ýerden süýrenip durmuşmy? Up-uzyn, sallam-sajak köýnegem barmyşmy? Özem uklap ýatan adamlaryň üstüne eglip, olaryň ganyny, janyny sorup alýarmyşmy?!
Ejesi ogluny köşeşdirmek üçin agzyny açanam şoldy welin, häli uklap galan körpeje, agyzjygyny tamşandyrdy-da, ukynyň arasynda, guzujyk mäleýäne çalymdaş, peltekledi:
-Kä-ä-n emmesem ba-a-a…
-Wah, emmäň bar bolsun, seniňem!-diýip, ýakynda süýtden aýrylan körpesine dözmedik ejesi, egildi-de, ojagazyň çyr-çyrşak ýaňajygyndan taýly gezek öpdi. Soňra henizem özüne gorkuly garaýan üçünjisiniň tekiz syrylan tokarja kellejigini sypalady.
-Ýatybersene, guzym. Eneň-ä ýöne, sizi rahatlandyrjak bolup aýdaýdy. Hot-hot diýlen zat ýeriň ýüzünde ýogam. Bolaýanda-da bize gelip bilmez. Sebäp diýseň, hanha o jaýda kakaň güberilip ýatyr. Bärde bolsa men ba, seniň kejir agalaň ba. Şoň üçribem arkaýynja, hiç zatdan üýşenmedejik ýatyber, ballym! Bolýamy?!
-Bor eje!-diýip, ejesiniň mähirden doly sözlerine az-kem rahatlanan oglanjyk, kellesini ýassyga goýdy…
…Kän wagt geçmänkä-de, uzakly gün bir ýerde durman çarp uran bezzatlaryň dördüsiniňem ukuly “myşlamasy” eşidilip başlady.
Olaryň gaýym uka gidendigine magat göz ýetirenden soň, ejeleri düşekden dikeldi-de, otagdan çykdy…
…Ep-esliň ýarysy ýaly wagt geçenden soň, bezzatlaryň üçünjisi, düýşürgedimi ýa-da zerurlygy gyssadymy, allaniçigsi bolup oýandy.
Hasyr-husur dikelip oturdy-da, gözlerini elek-çelek edip, töweregine garanjaklady.
Gülçyranyň ölügsi yşygyna gyzgylt alagaraňkylyga beslenen otag…
Penjireleriň tutusy tutulypdyr…
Eýlesinde-de, beýlesinde-de doganlary-jigisi uklaşyp ýatyrlar…
Ejesiniň orny boş…
Gorkdy…
Uklamazynyň öňünçäsi edilen gürrüňler ýadyna düşdi…
Alagaraňky otagyň tümlük üýşen burçlaryndanam kimdir biri özüni dykgat bilen synlaýan ýaly…

Ol gorkujygyndan ýaňa, ilki bir ýorganjygyny depesine çekäkge, bürenip-basyrynyp ýatyberjegem boldy…
Emma, bu-da çykalga däl…
Eger-de, otagyň hüýt-gara künjeginde hakykatdanam kimdir eýmenç birleri bar bolaýsa, onda, olardan halas etjek ejeň ýa-da kakaň ýanyňda bolmasa, ýorgana bürendiň nä, bürenmediň nä?!
Oglanjyk, hemişe şunuň ýaly bolandaky edähetine eýerip, kakasynyň ýanyna ylgamak üçin bolanja gaýratyny jemledi-de, zyňlyp ýerinden galdy.
Gapdal otaga okduryldy…
Girenindenem gözüniň görýänine zähresi ýarylyp, doňňara-daşa öwrüldi.
Ýatylýan otagyňkydan bäşbeter garaňkylyk içerini besleýär.
Diňe perdesi syrylan birje penjireden içerik düşýän aý şöhlesiniň ysgynsyzja ýagtysyna öýüň içi çala saýgardýar.
Has takygy, saýgardýarmy, bulaşdyrýarmy?!
Belli däl.
Şol bulaşyk garaňkylygyň içinde-de, kakasynyň sudury hemişeki ýerinde uzyn süýnüp ýatyr.
Onuň üstüne-de, ýerden süýrenýän şar-gara saçlaryny ýaýyp, sallanyp duran, uzyn, ap-ak köýnekli, başga bir sudur egilýär…
Hot-hot!!!…
Ukudaky kakasynyň üstüne eglip dur…
Elheder almakdan ýaňa erkini ýitiren oglanjyk, kakasyny elhenç mahlukdan halas etmek üçin elinden gelýän ýekeje zady etdi.
Gözlerini pugta ýumdy-da, jynssyz sesi bilen “wägirip” goýberdi:
-Wä-ä-ä!!! Kaka-ä-ä!!! Ej-ä-ä!!! Hot-hot kakamy iýýä-ä-ä!!! Halas ediň-ň-ň!!!…
Gaty gorkan oglanjyk, tä çyra ýakylyp, onuň yşygy gabaklarynyň aňyrsyndan bildirýänçä gözüni açman, çirkin gygyrdy durdy.
Diňe çyranyň ýakylandygyny syzandan soň, gabagyny göterip, agzyny ýumdy.
Töweregine garanjaklady.
Hot-hot-da ýok, hiç zat-da…
Megerem, onuň iniňi düýrükdirýän sesinden eýmenip, zut gaçan

bolmaly, o diýmäýin diýsemiň gopdygaýmak mahlugy…
Onuň özüni bolsa, eşikleri bulam-bujar kakasy gujaklap dur…
Ony howatyrlanmaly synlaýan jigisini bolsa, ejesi gujagyna gysypdyr…
Saçy depesine tokgalanyp, üstünden ýaglyk daňan ejesiniň ýüzem dym-gyzyl…
Megerem, ejesi hot-hotdan öte bijaý gorkan bolmaly…
Ýöne, näme üçindir kakasynyň ýüzem ejesiniňkiden enaýy däl…
Ýa, näme, kakasam hot-hotdan gorkaýdymyka?!…
Äý, ýok-laý!
Kakalaram bir, zatdan gorkarmy-aý?!
Näme-de bolsa bir zatdan gorkjak bolsa, ondanam bir kaka bolarmy-aý?!
Hasam olaryň kakasy…
Megerem, dünýe döräp, olaryň kakasyny gorkuzyp biljek, näme-de bolsa bir zat, henize bu güne çen, ýeriň ýüzünde hiç kim tarapyndanam oýlanyp tapylan däl bolsa gerek…
Ukuly gözlerini açalak-ýumalak edip owkalaşdyryp duran ikinji agasy, ony müňkürlik bilen synlaýar.
Misli: “Hä, senjagaz, gorkunç kino görjek bolup şeýtdiň geräm?! Nä, şondan başga akyllyrak zat, boş kelläňe gelmedimi?!” diýip hüňürdeýän ýaly…
Uly agasy bolsa, hiç hilem seretmeýär.
“Nä, sen dälimi-how?! Gijäň bir wagty, beýdip adamlary örüzip ýörsüň!” diýýän terzde, süýem barmajygyny çekgesine dürtüp, towlaýar-da, yzyna, bozulan ukusyny dowam etmäge, girip gidýär…
Yllabir ýeňilmez ýagyny gaýtaran ýaly, kakasynyň gujagynda ekezlenen üçünji zaňňaryň bolsa bu mahal bu zatlar piňine-de däl…
Esasy zat, onuň “wägirmesinden” gorkubam bolsa, hot-hotuň öýlerinden ökjäni göterenligi… Hekaýalar